Meşhur Jibril hadysy.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Musulmanlaryñ içinde meşhur Jibril hadysy diýip, belli bolan hadysy okajylarymyza ýetirmegi makul bildik. Bu hadys içine alýan peýdasy we manysy taýdan örän möhümdir. Çünki Pygamberimiz Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem) bir näçe soraga Yslamyñ ähli mertebelerini içine alýan derejede jogap berendir. Ýagny bu hadys gysgaça bütin Yslamy içine alýandyr. InşAllah geljekde bu hadysyñ şerhini (düşündirişini) okyjylarymyza ýetirmegi niýet edinýäris.

Omar ibnul Hattab (radiAllahu anh) aýtdy: "Bir gün biz Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanynda otyrdyk Birden ap-bak eşikli, gap-gara saçly bir adam peýda boldy. Üstünde uzak ýoldan gelýän ýolagçynyñ alamaty ýokdy we bize hem ol nätanyşdy. Gelip Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) garşysynda dyzyny Onuñ dyzyna degirip, elini hem öz dyzyna goýup otyrdy. We: **Eý Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem) Maña Yslamdan habar ber, diýdi. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oña**: **Yslam: Bir Allahdan başga Hak iläh ýokdygyna we Muhammediñ (sallallahu aleýhi we sellem) Onuñ Resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz kylmak, zekat bermek, oraza tutmak we başarsañ käbä haja gitmek, diýdi. Ol kişi Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem): Sen dogry aýtdyñ, diýdi.** Bu hadysy rowaýat edýän Hezreti Omar (radiAllahu anh) şeýle diýýär: Biz ol kişini geñ gördük, öz sorady we özi tassyk etdi. Soñra ol kişi Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem): **Maña imandan habar ber, diýdi. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oña: Iman: Allaha, Perişdelere, Kitaplara, Pygamberlere, Ahyrýet gününe, Kadara (haýryñ we şeriñ ýazgytdygyna) iman etmekdir, diýdi. Ol kişi: Sen dogry aýtdyñ, diýdi. Soñra Ol kişi: Maña yhsandan habar ber, diýdi. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oña**: **Yhsan**: **Göýä Allahy görýän ýaly ybadat etmekdir, çünki sen Allahy görmeseñde Ol seni görýändir, diýdi. Soñra Ol**: **Kyýamat haçan gopar, diýdi. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): Bu mesele barada soralýan adam soraýandan köp bilýän däldir, diýdi. Ol kişi: Onda kyýamadyñ alamatlaryndan habar ber, diýdi. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oña: Gyrnak öz hojaýynyny dogurar. We sen aýak ýalañaç, eşiksiz garyp, goýun çopanlarynyñ biri-biri bilen beýik-beýik binalar gurmakda ýaryşyşlaryny görersiñ, diýdi.** Bu wakany gürrüñ berýän Hezreti Omar (radiAllahu anh) aýtdy: Soñra ol kişi gitdi. Biz bir salym oturdyk. Soñra Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Maña: **Eý Omar! Sorag soran kişiniñ kimdigini bilýärmiñ, diýdi? Men: Allah we Resuly has gowy biler, diýdim. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): Bu gelen Jebraýyl perişdedi. Ol size diniñiziñ buýruklaryny öwretmäge geldi, diýdi."** (Buhari, Iman/37, Muslim, Iman/1)